# Möjekleriñ ýalagyna düşen Liwiýa: Çöl topalaňy

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Möjekleriñ ýalagyna düşen Liwiýa: Çöl topalaňy MÖJEKLERIÑ ÝALAGYNA DÜŞEN LIWIÝA: ÇÖL TOPALAŇY




*Kaddafiniñ çadyry indi simwola öwrüldi. Bu bedewi çadyrynda kimler myhman alynmady? Kimler oña girip, Kaddafi bilen elleşip gujaklaşmady?*
1942-nji ýylyñ 7-nji iýuny.
Italýanyñ koloniýasy Liwiýanyñ Sirt şäheriniñ 20 km günortasyndaky Kasr Abu Hadi obasy.
Çölüñ horaşaja bedewi çadyrynda bir çaga dünýä indi. Çagalygyny çölüñ ýakyp-ýandyryp barýan jokrama yssysynyñ astyndaky şu çadyrda daýhan kakasynyñ gürrüñ beren italýan basybalyjylary hakdaky hekaýatlary diñläp geçirdi.
Okamak üçin Sirte gidýär, ýatmaga ýeri bolmansoñ metjidiñ howlusyda ýatyp-turýar, hepdäniñ ahyrynda öýüne gidip-gelmek üçin 30 km-i paýu-pyýada sökmäge mejbur bolýar. Bedewidigi üçin kemsililip durlan mekdebiniñ alty ýylyny dört ýylda tamamlan bu çaga ulalansoñ, aslynyñ bedewidigi üçin ölýänçä buýsanyp gezdi.
1951-nji ýylda ýurt Günbataryñ ýapjasy patyşa Idrisiñ ýolbaşçylygynda Liwiýanyñ Birleşen Patyşalygy ady bilen garaşsyzlygyny yglan edýär.
Ol ýaş başyna 1948-nji ýylyñ Arap-Ysraýyl urşuna, 1952-nji

ýylyñ Müsür Rewolýusiýasyna, 1956-njy ýylyñ Suweýş konfliktine, 1958-1961-nji ýyllar aralykdaky gysga ömürli Birleşen Arap Respublikasy ýaly Arap dünýäsiniñ möhüm wakalaryna şaýatlyk etdi.
Barja mydary ýeke çadyrdan ybarat bolan garadangaýtmaz ýigit 1961-nji ýylda giren harby kolležini we Angliýadaky dört aýlyk okuwyny tamamlandan son harby karýerasynda çaltlyk bilen ösýär.
Täsirlenen arap nasionalizminden alan güýji bilen 1969-njy ýylyñ 1-nji sentýabrynda heniz 27 ýaşyndaka patyşa Idrise garşy gurnalan döwlet agdarylyşygyna gatnaşýar. Soñky 42 ýylyñ dowamynda ýurduñ ýeke-täk hojaýyny boljak bu ýaş ýigidiñ ady Muammar Mohammed Abu Minýar Gaddafidi.
Çap etdiren «Ýaşyl kitabynda»* maksadynyñ ýurdundaky eksplutasiýany, sosial deñsizligi, kese ýerlileriñ agalygyny soñlandyrmak we imperializme garşy dünýä derejesinde guruljak ýaranlygyñ binýadyny tutmakdygyny düşündirýär…

- **Dünýäniñ ketdelerine garşy**

Rewolýusion Komandowaniýäniñ sowetiniñ birinji eden işi ýurtdaky amerikan we iñlis harby bazalaryny ýapmak boldy. Yzyndan hassahanalar we hususy banklar, daşary ýurt nebit kompaniýalary döwlet eýeçiligine geçirilýär. Käbir nebit kompaniýalary tutuşlygyna, käbirleriniñ 51%-i millileşdirilýär.
Okgunly ýaş ofiser Müsüriñ rewolýusioner nasionalisti, sosialist Jemal Abdylnasyrdan täsirlenýär. Gözsüz batyr, garadangaýtmaz, tutanýerli arap nasionalisti, dogry hasaplaýan ýolundan gyşarman ýöreýän biridir.
Ýurtdaky ähli sary sindikatlar ýapylýar. Italýanlaryñ golastyndaky ýerleriñ ählisi alnyp, olaryñ ýurtdaky ýeñillikleri ýatyrylýar.
Bir ýandanam eýeçilik edýän nebit känlerinden girýän girdejilerden peýdalanyp, çaltlyk bilen ykdysady özgerişleri amala aşyryp başlaýar. Garyp-gasarlara tölegsiz nahar, hemmelere ýatyp-turmaga ýer kepilligi, tölegsiz saglygy

goraýyş hyzmaty we bilim, iş bilen üpjün edýän zähmet biržalary, işleýän eneler üçin iş ýerlerinde açylan kreşler, el koyulan daşary ýurtly ýer eýeleriniñ ýerleriniñ işçi-daýhanlara paýlanylyp berilmegi… Bularyñ barsy gysga wagtyñ dowamynda amala aşyrylan işlerdir.
Ysraýyla garşy uruşmak üçin jihat fondant gurýar we sionizmi goldaýandygy üçin ABŞ-na nebit sanskiýasyny goýýar. Şol wagtam nebitiñ bahasy gymmatlap başlaýar. Teleradio ýaýlymlarynyñ millileşdirilmego, Medeniýet rewolýusiýasyny ýatladýan görnüşde ekerançylykda, bilimde, medeniýetde geçirilip başlanan reformalar…
Bularyñ ýany bilen SSSR bilen özara hyzmatdaşlygy ýola goýmak hakdaky şertnamasy Liwiýany günbatarly gegemon güýçlerden mazaly daşlaşdyrýar.
Onuñ hyýaly arap wariantly täze sosializm gurmakdy. 1977-nji ýyla çenli Liwiýa Arap Respublikasynyñ rewolýusioner prezidenti hökmünde ýurdy dolandyrdy, şol wagtdan başlap ýurduñ ady Liwiýa Arap Halk Sosialistik Jemahiriýesi ady bilen çalşyrylýar. Kaddafi bolsa bu täze respublikanyñ «doganlyk lideri» statusyny alýar.
Soñky ýyllarda Liwiýa türkiýeli gurluşykçylaryñ birinji çykyş barýan ýeri bolýar. Ol bir ýandan «Kipr hereketinde» Türkiýä ýarag kömegini edýär, dünýädäki ezilýän halklara we anti-imperialistik hereketlere ýakyn durýar, olary goldaýar. Bir ýandan, ýeri gelende Türkiýäni ABŞ-dyr Ysraýyl bilen bile hereket edýändigi üçin aýyplaýar, tankyt edýär.
Kaddafili ýyllar Demirgazyk Afrikanyñ göýdük geografiýasyna ekilen kösençliklere garşy, tebigata we dünýäniñ ketdelerine garşy çölüñ topalañy ýaly bolup geçýär.
Sahara çölünde ýeriñ astyndaky suwy äpet suw geçirijileri arkaly 2000 km uzaklyga, Liwiýanyñ kenarýakalaryna getiren Kaddafi şeýle taslamany durmuşa geçirmegi Türkiýä-de teklip edýär. Munuñ özi Ortaýer deñzine guýýan käbir derýalaryñ suwunyñ uly suw geçirijiler arkaly Liwiýa geçirmegiñ taslamasydyr. Ol munuñ ýerine Türkiýä nebit we gaz almagy teklip edýär…
Kaddafi Türkiýäniñ gelejeginde türkler bilen kürtleriñ

arasyndaky agzalalygy-da öňünden görýär. Ol gelejekde kürtleriň barlygyny we territoriýasyny ykrar etmäge mejbur boljagyna yşarat edýär. Sebitdäki türk, kürt, pars, arap nasionalizmleriniň biri-birleri bilen oňşup, agzybir ýaşamagyň gerekdigine ünsi çekýär.

- **Bab al-Azizia: «Warwarlygyň muzeýi»**

1986-njy ýylyň 15-nji apreli, sişenbe, sagat 15:00 töweregi, Tripoli.
Şäheriň depesinde duýdansyz, asmany ýyrtyp barýan ýaly sesler peýda bolýar. Yzyndan yzly-yzyna partlamalar eşdilýär. «F-111» istrebitelleri raketalaryny oklaşdyryp, ýyldyrym çaltlygynda gözden gaýyp bolýarlar. «El Dorado Kanyonu» operasiýasynda nyşana alynan ýerleriň arasynda aýratynam Tripoliniň etegindäki Kaddafinň resmi kabulhanasy bolan «Bab al-Azizia» hem bardy.
Kaddafi iň soňky pursatda gelen telefon jaňy bilen zordan ölmän sypýar. Amerikan hüjüminde altmyşa golaý adam wepat bolýar.
Dünýä habar beriş serişdeleriniň diline ABŞ-nyň prezidenti Ronald Reýganyň bihaýaçylykly sözi düşýär: «Şu gün etmeli işimizi etdik. Gerek bolsa ýene şeýderis».
Bahanasy-da Kaddafiniň Palestina ýaly dünýädäki rewolýusion we milli azat-ediş hereketlerine berýän goldawydyr. Özem bu berilýän goldawlaryň hemmesi onuň öz peýdasyna bolmasa-da, ABŞ tarapyndan terrorçylykly hereketler hasaplanýardy.
Kaddafi amerikan bombalarynyň haraba öwrüp taşlan kabulhanasyny gaýdyp ulanmaýar. Ony «warwarlygyň muzeýi» hökmünde şodurşuna gorap saklaýar. «Bab al-Azizia»-nyň howlusynda mundan beýläk ullakan bedewi çadyry dikilmelidi we Kaddafy ýurduna gelen günbatarly döwlet ýolbaşçylaryny şol ýerde kabul etmelidi. Hawa, myhman liderler çadyryň dik garşysynda gözlerine dürtülip duran «warwarlyk muzeýini» görmezlige salyp bilmeýärdiler.



- **Bedewi çadyrynyñ kyssasy**

Kaddafiniñ çadyry indi simwola öwrüldi. Bu bedewi çadyrynda kimler myhman alynmady? Kimler oña girip, Kaddafi bilen elleşip gujaklaşmady?
Fransiýanyñ prezidentleri Žak Şirakdyr Nikolas Sarkozi diýjekmi, Angliýanyñ premýer-ministri Toni Bleýrmi, Italiýanyñ premýer-ministri Silwio Berluskonimi, ýa-da Türkiýäniñ premýer-ministri Nejmetdin Erbakanmy? BMG-nyñ baş sekretary Pan Gi Muna çenli şol çadyryñ serpigini syranlaryñ biri bolupdy.
Kaddafi munuñ bilenem çäklenmeýär. Daşary ýurtlara edýän resmi saparlaryñ ählisinde çadyryny ýanyna alyp gidýär. Kimsi basybalyjy, kimsi kolonizator, kimsi okkupator sypatynda bir mahallar Liwiýanyñ üstüne çöken gegemon döwletleriñ paýtagtlarynda mundan beýläk bedewi çadyry aýlanýardy.
Onuñ çadyryny kä Kremliñ howlusynda, kä «Ýeliseý» köşgüniñ howlusynyñ dik mañlaýynda, käte Rimiñ «Doria Pamphili» parkynda, ýa-da Brýusseldäki «Val Duchesse» döwlet myhmanhanasynyñ öñünde dikilýändigini görüp bolýardy.
Şol ikiarada garşylyklaýyn döwletara ötünçler soralýar. 1999-njy ýyldan başlap Liwiýanyñ ykdysadyýeti arap sosializminden daşlaşyp, has liberal syýasatlara ýakynlaşyp ugraýar. ABŞ Liwiýany terrorçylykda aýyplamakdan el çekýär, diplomatiki gatnaşyklary ýola goýýar, döwlet derejesinde resmi saparlar gurnalýar…




*Tony Bleýr Kaddafiniñ çadyrynda, Sirt, 25.03.2004*



BMG-nyñ baş sekretary Pan Gi Mun bilen Kaddafiniñ duşuşygy, Sirt, 08.09.2007




ABŞ-nyñ prezidenti Barak Obama Muammar Kaddafi bilen, 09.07.2009



Tripolide 1986-njy ýylyñ amerikan bombalamasynda harap bolan «Bab al Azizadaky» Sarkozi bilen duşuşykdan, 25.07.2007

**• «Demir ýumrugyñ» öñünde «gönelip» duran lider**

2007-nji ýylyñ 25-nji iýuly, Tripoli.
Misiñ reñkinde polat ýaly ýumruk asmana galyp dur. Asmana uzaýan «F-111» istrebitelini ele düşürişi ýaly aýasynyñ içine gysymlap kül-owram edýär.
Görnüş ylmy-fantastiki kinofilmlerden bir pursaty ýatladýar. Yz tarapda uruşdan çykan, weýran bolan haldaky binanyñ elemedeşik bolan diwarlary göze ilýär. Öñ tarapynda bolsa, arka planda doly kontrast döretjek görnüşde gara penjek-jalbarly, galtstukly bir gönelip dur…
Onuñ öñündäki jaý ABŞ-nyñ 1986-njy ýylda bombalan we Kaddafiniñ «warwarlygyñ muzeýi» hökmünde el degirtmän gorap saklaýan Liwiýanyñ Tripoli şäherindäki «Bab al Aziza» binasydyr.
Binanyñ öñünde istrebiteli ele salan görnüşde şekillendirilen bolsa Liwiýanyñ polatdan elidir! ABŞ-nyñ hüjümi we netijeleri bir heýkeliñ mysalynda şeýle suratlandyrylypdyr. Ady «ABŞ-nyñ istrebitelini mynjyradýan ýumruk» heýkelidir.
Şol ýadygärlik heýkel bilen binanyñ öñünde aýakda diligence kişi barada aýdanda bolsa… Ol adam gaty köpem däl, birküç ýyl son Kaddafini ölüm odunda hut öz eli bilen ýakjak Fransiýanyñ prezidenti Nikolas Sarkoziden başga hiç kimem däl.
Sarkozi Liwiýanyñ baştutany Muammar Kaddafiniñ ýanynda gönelip durup, hemişelik ýarany ABŞ-nyñ 21 ýyl öñki warwarlygy netijesimde wepat bolanlar üçin hamana hormat bilen baş egýän

ýaly bolup dur…
Resmi sapardan soñ Fransiýanyñ we Liwiýanyñ arasynda goranmak, saglygy goraýyş, terrorizme garşy göreş we raýat maksatly ýadro energiýasy ýaly pudaklarda giñ gerimli hyzmatdaşlygy ýola goýmagyñ ylalaşyklary baglaşylýar. Iki ýurt ikitaraplaýyn strategiki hyzmatdaşlyk etmek pikirleriniñ bardygyny beýan edýärler. Resmi sapardan soñ Ýewropa bileleşigi bilenem gatnaşyklaryñ öñi açylýar.
Şol resmi sapardan 4,5 aý geçenden soñ 2007-nji ýylyñ 10-njy dekabrynda Kaddafi otuz ýyl bäri gitmedik Fransiýasyna birinji resmi saparyny amala aşyrýar. 45 minut dowam etjek duşuşyga 40 minut gijikdirip gelen Liwiýanyñ lideri bäş gün dowam eden gepleşikleriñ netijesinde 5.86 milliard dollara barabar fransuz harby enjamlaryny satyn aljakdygyna söz berýär.
Ol ýene meşhur çadyryny ýany bilen getirýär. «Ýeliseý» köşgüniñ ýanaşygyndaky «Hotel Marigny» oteliniñ howlusynda çadyryny gurýar. Kaddafi däbini bozmaýar, ýanyna gelenleri şol ýerde kabul edýär, gepleşiklerini şol çadyryñ içinde kabul edýär.

Ýusuf NAZYM.

---

** «Ýaşyl kitap» ýazyjy Atajan Taganyñ terjime etmeginde türkmen dilinde hem çap edildi*. Taryhy makalalar